# Kakasy näbelli osmanly şazadasy! Hem alnyp gaçyldy hem-de ady üýtgedilip, çokundyryldy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kakasy näbelli osmanly şazadasy! Hem alnyp gaçyldy hem-de ady üýtgedilip, çokundyryldy KAKASY NÄBELLI OSMANLY ŞAZADASY! HEM ALNYP GAÇYLDY HEM-DE ADY ÜÝTGEDILIP, ÇOKUNDYRYLDY



*Osmanly şazadalarynyñ arasynda biri bardy… Ol şazada däldigine we begzada neslinden bolmandygyna garamazdan patyşanyñ söýgüsine mynasyp bolupdy. Köşkden sürgün edilenden soñ ýesir düşüp, çokundyrylypdy. Ine, «şazadadyr» öýdülen Osmanyñ başdan geçiren kyssasy…*

Osmanly imperiýasynyñ şazadalary döwletiñ gurlan wagtyndan başlap tä ýykylýança «döwletiñ geljegi» hasaplanan, tagt nobaty gelende tagta çykan erkek oglanlar bolupdyr. Patyşanyñ

erkek çagalary köşkde doglan pursatlaryndan başlap «şazada» edilip ýetişdirilipdir. Emma olaryñ arasynda şeýle bir «şazada» bolupdyr welin, onuñ ne kakasy belli bolupdyr, ne-de osmanly şazadasydygy…

- **Soltan Ybraýym ony şazada yglan etmekçidi**

Taryhçy Reşat Ekrem Koçunyñ kitabynda Soltan Myrat IV-iñ aradan çykmagyndan soñ tagta çykan Soltan Ybraýymyñ tagta çykan wagtlarynda ýeke erkek mirasdüşeri bolmandyr. Osmanly neberesiniñ soñlanmagyndan gorkan ejesi Kösem soltan patyşa oglunyñ erkek çagasynyñ bolmagy üçin haremhanany terbiýeli we owadan gyrnaklar bilen doldurypdyr. Az wagtdan soñ Turhan soltan şazada Mämmedi dogrupdyr. Gyzlaragasy Sünbül aga tarapyndan köşge getirilen Zafire hatyn hem hökümdara sowgat bermeli zenanlaryñ arasynda eken. Kän wagt geçmänkä Zafiräniñ göwrelidigi belli bolupdyr. Şonuñ üçinem hökümdara berilmändir, ýöne köşkdenem kowulmandyr. Eneli-ogul Sünbül aganyñ howandarlygynda ýaşamaga başlapdyr. Zafire hatyn Turhan soltana kömekçi bolup, körpe şazadany emdirmek üçin süýt enesi hökmünde saklanypdyr.



Emma Soltan Ybraýym oglunyñ süýt enesi Zafire soltana syny oturypdyr. Zafirä we onuñ ogluna gowy sereden Ybraýymyñ kakasy

näbelli Osmanjygy öz ogly şazada Mämmetdenem gowy görýändigini aýdýanlar ýüze çykypdyr. Aýdylyşyndan Soltan Ybtaýym Zafire hatynyň ogly Osmany şazada yglan etmegiň pikirini edipdir. Turhan soltan ogly şazada Mämmediň patyşany gyzyklandyrmaýandygyna gynanypdyr. Rowaýata görä, Turhan soltan Ybraýym bilen bu boýunça belli-külli gürleşende, Soltan Ybraýym şazada Mämmedi serhowuza zyňypdyr. Bolup geçen bu wakadan soň Kösem soltanyňam basyşlary bilen Zafire, Osman, Sünbül aga dagy köşkden çykarylyp, sürgün edilipdir. Olar gämi bilen Müsüre tarap barýarkalar maltaly deňiz garakçylaryna ýesir düşüpdir.

- **Zafire we onuň ogly Osman ýesir düşüpdir**

Maltaly deňiz garakçylary ýesir alan kiçijik Osmanjygyny patyşanyň ogludyr öýdüpdir. Bu habar Ýewropada uly gowur turzupdyr. Zafire gatyn syrly ýagdaýda ölüpdir, kiçijik Osman bolsa 12 ýaşynda çokundyrylyp ady üýtgedilipdie. Ony şazadadyr öýdýän hristian dünýäsi oňa «Osmanly papasy» diýipdir. Papalygyň köşklerinde Osmany şazada sylapdyrlar. Türk-Wenesiýa urşunda Osmanla garşy kozyr hökmünde ulanylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen hakyky şazada däldigi ýüze çykan Osman başdan geçiren hasratly wakalarynyň soňunda 34 ýaşynda inçekesele ýolugyp, Malta adasynda aradan çykypdyr.

Çisem ARSLAN.

«AYDINLIK» gazeti, 16.11.2023 ý. Taryhy makalalar